# Toprak hakda aýdym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Toprak hakda aýdym TOPRAK HAKDA AÝDYM

Söýülen ýerlerim, söýen ýerlerim,
Mähriban topragym, sendedir-sende.
Käte gülen, käte köýen ýerlerim,
Mähriban topragym, sendedir-sende.

Dowam edip atalaryň keşbini,
Seniň bilen bagta barýan gös-göni.
Egsilmez baýlyklaň sansyz mesgeni
Mähriban topragym, sendedir-sende.

Sen ýeňiji bolduň, ýaşaýaň erkin,
Günsaýyn täzeläp gezýärsiň görküň.
Arzuwlaň mesgeni ýüregmiň örkem
Mähriban topragym, sendedir-sende.

Ýüzüňi örtende maýsalar, güller,
Neneň joş urmasyn juwan göwünler.
Sapaly aý-ýyllar, sapaly günler
Mähriban topragym, sendedir-sende.

Iň belent, iň gözel arzuw-hyýalym,
Bolmanda bir daban uzaltmak ýoluň.
Şonda meni täç edinjek dost-ýarym,
Mähriban topragym, sendedir-sende.

Eneli-ogula mahsusdyr, belkem,
Biz birek-birege meňzeýäs kem-kem.
Meni ähli dertden saplajak melhem,
Mähriban topragym, sendedir-sende.

Çekip bir gün aýralygyň azaryn,
Men gitsemem, galar sende mazarym.
Owazym, buýsanjym, namysym – barym,

Mähriban topragym, sende bor, sende.

Italmaz NURYÝEW. Goşgular